**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ OBA HOJALYK MINISTRLIGI**

**TÜRKMEN OBA HOJALYK INSTITUTY**

**DAŞOGUZ AGROSENAGAT ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBI**

Daşoguz agrosenagat
orta hünär okuw mekdebiniň
mugallymlar geňeşinde
seredildi, teswirnama № 9
“02” 10 2024ý.

**“TASSYKLAÝARYN”**
Daşoguz agrosenagat orta hünär
okuw mekdebiniň direktorynyň
__________ Ş.Nurgeldiýew
“02” 10 2024ý.

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň 2025-2030-njy ýyllar üçin ÖSÜŞ MAKSATNAMASY




**Daşoguz ş. - 2024ý.**

**Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň 2025-2030-njy ýyllar üçin ösüş maksatnamasynyň**

## MAZMUNY


Mekdebiň ösüş maksatnamasynyň pasporty ........................................................ 3

1. Mekdebiň guramaçylyk-hukuk häsiýetnamasy ........................................... 4
2. Mekdebiň ösüş strategiýasynyň düýp esaslary ........................................... 5
3. Hünär biliminiň mazmuny we okuw işini guramak ................................... 10
4. Okuw işiniň ylmy-usulyýet üpjünçiligini kämilleşdirmek ....................... 11
5. Işgär üpjünçiligi. Pedagogiki işgärleri hünär taýdan kämilleşdirmek. Pedagogiki işgärleriň hünär synagy ........................................................ 13
6. Mekdebiň okuw işine maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ornaşdyrmak ................................................................................................ 14
7. Talyplaryň döredijilik işini kämilleşdirmek ............................................... 15
8. Terbiýeçilik işine gatnaşyjylaryň düşündiriş-öňüni alyş çäreleri ............. 16
9. Mekdepde okaýanlaryň we işleýänleriň sosial-ykdysady goldawy ........... 17
10. Mekdebiň dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek ..................................... 18
11. Sosial hyzmatdaşlyk ................................................................................... 18
12. Mekdebiň guramaçylyk-hukuk üpjünçiligi ................................................ 19
13. Okuw-önümçilik ulgamyny kämilleşdirmek ............................................. 20
14. Maddy-tehniki gory kämilleşdirmek ......................................................... 20
15. Guramaçylyk-ykdysady gatnaşyklar ......................................................... 21
16. Garaşylýan netijeler ................................................................................... 22

**Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň 2025-2030-njy ýyllar üçin ösüş maksatnamasynyň PASPORTY**

| | |
|---|---|
| **Maksatnamanyň ady** | Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň 2025-2030-njy ýyllar üçin ösüş maksatnamasy |
| **Maksatnamany işläp düzmek üçin esaslar** | - “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanuny;<br>- “Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanuny;<br>- Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama;<br>- Mekdebiň tertipnamasy. |
| **Maksatnamany işläp düzüji** | Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebi |
| **Maksatnamanyň maksady we wezipeleri** | 2025-2030-njy ýyllar üçin *ösüş maksatnamasynyň mazmuny* okuw we beýleki çäreleriň netijeliligini ýokarlandyrmakdan hem-de onuň esasynda uçurymlaryň hünär taýýarlygynyň hilini üpjün etmekden ybaratdyr.<br>*Maksatnamanyň esasy wezipeleri* şulardan ybarat:<br>1. Döwrüň sosial-ykdysady şertlerinde bilim edarasynyň ösüşini meýilleşdirmek.<br>2. Mekdepde zähmet bazarynyň isleglerine gönükdirilen esasy we goşmaça hünär bilimi maksatnamalaryny kemala getirmek.<br>3. Hünär bilimi maksatnamalarynyň özüne çekijiligini we hünäre ugrukdyryş boýunça guramaçylyk işleriniň hilini ýokarlandyrmak.<br>4. Bilim edarasynda okuw işiniň hilini kämilleşdirmek.<br>5. Bilim edarasynyň işgär goruny ösdürmek.<br>6. Bilim edarasynda jemgyýetçilik goldawyna gönükdirilen bilim gurşawyny emele getirmek.<br>7. Bilim edarasynda innowasion-ösüş bilim gurşawyny döretmek. |
| **Maksatnamany durmuşa geçirmegiň möhleti** | 2025-2030-njy ýyllar |
| **Esasy çäreleriň düzümi** | Bilim işini kämilleşdirmek.<br>Mekdepde bilimiň hilini ösdürmek.<br>Mekdebiň dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek.<br>Goşmaça hünär bilimini kämilleşdirmek.<br>Maddy-tehniki binýady ösdürmek. |

| | |
|---|---|
| **Maksatnamanyň esasy çärelerini ýerine ýetirijiler** | - Mekdebiň mugallymlar düzümi;<br>- Bölüm ýolbaşçylar;<br>- Okaýanlar topary;<br>- Okaýanlaryň ene-atalary we hossarlary;<br>- Esaslandyryjylar we hyzmatdaşlar. |
| **Maksatnamany ýerine ýetirmegiň guramaçylygy** | Maksatnamanyň tapgyrlar boýunça ýerine ýetirilişi Mugallymlar, Usulyýet geňeşiniň mejlislerinde seredilýär.<br>Maksatnama üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek üçin açyk görnüşli resminama bolup, oňa düzedişler her ýyl dolandyryş düzümi tarapyndan girizilýär.<br>Maksatnamany amal etmek üçin maliýe serişdeleri mekdebiň hasabyna amala aşyrylýar. |
| **Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi bilen garaşylýan soňky netijeler** | - Üznüksiz bilim ulgamynda köpbasgançakly hünär bilimini kemala getirmek;<br>- Zähmet bazarynda uçurymlaryň bäsleşige ukyplylygyny we hünär kämilligini ýokarlandyrmak;<br>- Dolandyryşy demokratiýalaşdyrmak;<br>- Mekdebiň iş berijiler bilen aragatnaşygyny berkitmek, sosial hyzmatdaşlar bilen hyzmatdaşlygyň netijeliligini ýokarlandyrmak;<br>- Mekdebiň işgärler düzüminiň hünär taýýarlyk ulgamyny kemala getirmek, mugallymlaryň bilim derejesini ýokarlandyrmak;<br>- Ähli hünärler boýunça bäsleşige ukyply hünärmenleri taýýarlamak üçin maddy-tehniki binýady täzelemek;<br>- Goşmaça hünär biliminiň ulgamyny kämilleşdirmek;<br>- Talyplaryň öz-özüňi dolandyryş organynyň doly derejede işlemegini gazanmak;<br>- Düzgün bozulmalaryň sanyny azaltmak;<br>- Edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň hünärmenlere bildirýän talaplaryny kanagatlandyrmak |

## 1. Mekdebiň guramaçylyk-hukuk häsiýetnamasy

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebi Türkmen oba hojalyk institutynyň tabynlygynda bolmak bilen, orta hünär bilimi maksatnamasyny amala aşyrýan hojalyk hasaplaşygyndaky döwlet orta hünär mekdebi bolup durýar.

1.2. Orta hünär okuw mekdebini esaslandyryjy Türkmen oba hojalyk instituty bolup durýar.

1.3. Orta hünär okuw mekdebi ilkinji gezek Daşhowuz welaýat statistika uprawleniýesi tarapyndan Daşhowuz şäheriniň № 6-njy hünärment mekdebi ady bilen 1997-nji ýylyň 7-nji maýynda 69913 belgide hasaba alnan.

1.4. Orta hünär okuw mekdebi üstüne alan we ýüklenen ähli borçlar boýunça Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mirasdüşeridir.

1.5. Orta hünär okuw mekdebiniň düzümi (gurluşy) Türkmen oba hojalyk instituty tarapyndan kesgitlenýär we tassyklanýar.

1.6. Orta hünär okuw mekdebi bilim, terbiýe we ylym ulgamynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň oba hojalygy üçin çuňňur bilimli, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyş döwrüniň talaplaryny doly ödeýän, syýasy taýdan sowatly, Watana, Türkmenistanyň Prezidentine, halkyna wepaly, ýurduň bähbitlerini halkara derejesinde mynasyp gorap bilýän we häzirki zaman bazar ykdysadyýeti gatnaşyklary şertlerine laýyklykda oba hojalyk ulgamynda işlemäge ukyply, başarjaň orta hünärli hünärmenleri taýýarlamagyň möhüm düzüm bölegi bolup durýar.

1.7. Orta hünär okuw mekdebi bilim ulgamynda döwlet syýasatyny amala aşyrýan bilim edarasydyr.

1.8. Orta hünär okuw mekdebiniň resmi ady:

- Türkmen dilinde: Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebi;
- Iňlis dilinde: Dashoguz agroindustrial secondary vocational school of Turkmen agriculture institute;
- Rus dilinde: Дашогузская агропромышленная средняя профессиональная школа Туркменского сельскохозяйственного института.

1.9. Orta hünär okuw mekdebiniň hukuk salgysy: Daşoguz welaýaty, Daşoguz şäheri, Ýolçy köçesiniň 370-nji jaýy.

## 2. Mekdebiň ösüş strategiýasynyň düýp esaslary

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň» ykdysady ösüşi baradaky çaklamalaryna esaslanyp, işgärleri taýýarlamak pudagynda käbir geljegi çaklap bolar: orta derejeli hünärmenleriň ornunyň we wezipeleriniň üýtgemegini, başarnyk derejesine, tehnologiki medeniýetine we işiň hiline bolan talaplaryň ýokarlanmagyny, hususanda önümçilik pudaklarynda, şeýle hem tehniki, tehnologiki we maglumat giňişliginde olara bolan islegiň ýokarlanmagyny.

Häzirki zaman şertlerinde orta derejeli hünärmen başarmaly:

- ulgamlaýyn pikirlenmegi;
- hukuk, daşky gurşaw goramak, maglumat, aragatnaşyk we telekeçilik medeniýetini ýüze çykarmagy;
- öz-özüne düşünmegi;
- seljermegi we gözden geçirmegi;
- döredijilik işjeňligi.

Orta derejeli hünärmenler işleriniň görnüşleri, hereketliligi, işiň guramaçylygy we netijesi üçin jogapkärçiligi almaga taýynlygy bilen tapawutlanmalydyrlar; olaryň başarnyklary, kesgitli hereketiň çäginde derňewi we çözgütleri saýlamagy talap edýän anyklaýyş meselelerini çözmegi öz içine alýar.

Milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak şertlerinde ýokardakylaryň hemmesi şahsyýetiň ösüş taglymatyna esaslanýan ösen bilim ýörelgesini durmuşa geçirmek boýunça işleriň dowam etdirilmegini tassyklaýar. Bilimiň ösen tebigaty, däp bolanlardan tapawutlylykda hünärmenleri taýýarlamakda diňe belli bir hünär çärelerine däl-de, eýsem täze bilimleri özleşdirmäge taýynlygyň döremegine hem üns berýär, köp ugurly başarnyklary ele almak, häzirki zaman we geljekki zähmet bazarlarynyň isleglerini kanagatlandyryp, uçurymyň hünär hereketini we bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün edýär. Ýaşlaryň ruhy ideallarynyň kemala gelmeginde, öz-özüňi terbiýelemekde, öz ykbalyňy kesgitlemekde, ahlak taýdan öz-özüňi ösdürmekde we durmuş tejribesini toplamakda orta hünär biliminiň ähmiýeti artýar.

Bäş ýyllyk geljekde mekdebiň işiniň aşakdaky ýörelgeleri saklanýar:

1. Üýtgeýşi we çeýeligi (bilim maksatnamalaryny diwersifikasiýa etmek arkaly daşky gurşawdaky üýtgeşmelere çeýe jogap).
2. Üznüksizligi: orta we ýokary hünär bilimi bilen gatnaşyklaryň ösüşi we okuw işiniň dowamlylygy.
3. Şahsy ugrukdyrma: mazmunyň emele gelmegi, talybyň aýratyn zerurlyklaryny we mümkinçiliklerini, bilimiň elýeterliligini göz öňünde tutup okuw işini guramak.
4. Öz-özüňi dolandyryş mehanizmini kämilleşdirmek, ykdysady we sosial ösüş maksatnamalaryny döretmek.

## Mekdebiň häzirki ýagdaýy barada gysgaça maglumat

Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebi öz işini Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdirliginiň Daşoguz şäher Salgyt bölümi tarapyndan 2023-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda 24010413 belgi bilen tassyklanan Tertipnamasyna laýyklykda alyp barýar.

Orta hünär okuw mekdebiniň dolandyrylyşy Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynyň esasynda, şu Tertipnama laýyklykda, ýeke-täk ýolbaşçylyk we köpçülikleýin dolandyryş ýörelgeleri esasynda amala aşyrylýar.

Orta hünär okuw mekdebiniň esasy meselelerine garamak üçin Mugallymlar geňeşi, Usulyýet geňeşi hereket edýär.

Mekdebiň düzüminde 5 sany usuly birleşme hereket edýär. Olarda jemi 23 sany mugallym zähmet çekýär.

Pedagogiki işgärleriň daşarky gaýtadan taýýarlamak, hünär kämilleşdiriş ulgamy üstünlikli durmuşa geçirilýär. Olar esasan hem Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebinde amala aşyrylýar.

Pedagogiki işgärleriň içerki gaýtadan taýýarlamak, hünär kämilleşdiriş ulgamy açyk sapaklara özara gatnaşmagy, ýaş mugallymlar mekdebiniň işine gatnaşmagy, pedagogiki we usulyýet geňeşleriniň mejlislerine, tegelek stollara gatnaşmagy içine alýar. Mugallymlar dürli kurslarda hünär endiklerini ýokarlandyrýarlar.

Mekdebiň okuw prosesi üçin binalary, iki sany kompýuter otagy, kitaphana we sport zaly, umumy ýaşaýyş jaýy bar.

**Mekdepde okadylýan hünärleriň sanawy**

| T/b | Hünäriň ady | Okuwyň dowamlylygy |
|---|---|---|
| 1. | Gidromeliorasiýa | 2 ýyl |
| 2. | O/h önümlerini öndürmegiň we gaýtadan işlemegiň tehnologiýasy | 2 ýyl |
| 3. | Oba hojalygynyň elektrik üpjünçiligi we awtomatikasy | 2 ýyl |
| 4. | Weterinar lukmançylygy | 2 ýyl |
| 5. | Ykdysadyýet we buhgalterçilik hasaba alnyşy | 2 ýyl |
| 6. | Ykdysadyýet we önümçiligi guramak | 2 ýyl |
| 7. | Sanly ykdysadyýet | 2 ýyl |
| 8. | Maglumat ulgamlary we programmirlemek | 2 ýyl |
| 9. | Ýer gurluşygy we kadastrlar | 2 ýyl |

Bulardan başgada mekdepde başlangyç hünär-tehniki bölümi hereket edip, onda Buhgalterçilik hasaba alnyşy hünär boýunça talyplar 1 ýyl 6 aý bilim alýar. Şeýle hem mekdepde Rus dili, Iňlis dili, we Kompýuter sowatlylygy boýunça gysga möhletli okuwlar bolup, onda jemi 240 talyp bilim alýar.

Hünärler boýunça okuw meýilnamalaryň gurluşy Döwlet bilim standartlarynyň talaplaryna laýyk gelýär.

Bilim maksatnamalary okuw meýilnamalaryny, okuw işleriniň çyzgydyny, okuw dersleriniň iş maksatnamalaryny, okuw maksatnamalaryny, şeýle hem işgärleriň, hünärmenleriň terbiýeçilik we taýýarlyk hilini üpjün edýän beýleki materiallary we  okuw, önümçilik tejribeliginiň maksatnamalaryny we degişli bilim tehnologiýalaryny ornaşdyrmagyň usulyýet materiallaryny öz içine alýar.

Okuw meýilnamalara laýyklykda ähli dersleriň iş maksatnamalary bolup, olar bilim standartynyň talaplaryna doly gelýär.

Okadylýan her bir ders üçin mugallymlar bölümleriň we temalaryň atlaryny, sagat sanyny, sapaklaryň görnüşini öz içine alýan senenama-tematiki meýilnamalary düzýärler. Meýilnamalar usuly birleşmäniň mejlislerinde ara alnyp maslahatlaşylýar we direktor tarapyndan tassyklanýar.

Mekdebiň okuw sapaklarynyň aşakdaky esasy görnüşleri bar: umumy, söhbet, amaly, tejribe sapak, maslahat beriji sapak, okuw-önümçilik tejribeligi, ýyllyk işi.

**Bilim işiniň maglumat üpjünçiligi**

Mekdepde okuw maglumatlarynyň esasy çeşmesi bolup kitaphanadaky, şeýle hem okuw otaglaryndaky we usuly birleşmelerdäki okuw we usulyýet edebiýatlary hyzmat edýär. Mekdebiň kitaphanasynyň we usuly birleşmeleriň fondy, okuw we usulyýet edebiýat bilen talyplary hil we mukdar taýdan üpjün etmekde olaryň isleglerini hem-de okuw maksatnamalarynyň mazmunyny doly kanagatlandyrýar.

Kitaphanada häzirki wagtda okuw, ylmy, usulyýet we çeper edebiýatlardan ybarat bolan 24126  kitap bar. Özünde 6 sany kompýuter ýerleşdirilen okalga jaýy hem bar.

**Okuw işiniň gurnalyşy**

Hünärmenleriň taýýarlyk derejesiniň barlagy okuw meýilnamalara, dersleriň iş maksatnamasyna, okuw işiniň çyzgydy esasynda gurnalan okuw işleriniň döwlet bilim standartynyň talaplaryna laýyk gelýändigini görkezýär. Okuw işiniň geçirilmegini üpjün edýän guramaçylyk-dolandyryş resminamalara direktor tarapyndan tassyklanýan okuw sapaklarynyň tertibi, talyp toparlarynyň düzümi hakynda buýruk, synaglaryň we berkidiji sapaklaryň tertibi degişli.

Okuw meýilnamada göz öňünde tutulan özbaşdak işler mugallymlaryň ýolbaşçylygynda, emma olaryň gönümel gatnaşmazlygynda amala aşyrylýar. Talybyň hökmany özbaşdak işi öz içine: okuw sapaklara (umumy, amaly) taýýarlygy; ýyllyk işleri ýerine ýetirmegi; synaglara taýýarlygy.

Talyplaryň okuw sapaklara gatnaşygy toparbaşy, topar ýolbaşçysy we okuw bölümi tarapyndan gözegçilikde saklanýar.

Okuw bölümi tarapyndan sapaklary aýlanyp görmek arkaly talyplaryň gatnaşygy yzygiderli seljerilýär. Okuw sapaklarynyň başlanyşy her gün okuw bölümi tarapyndan gözegçilikde saklanýar, zerurlygyna görä okuw sapaklarynyň rejesine üýtgetme girizýär.

**Terbiýeçilik işiniň gurnalyşy**

**Maksady:**

- hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmek;
- talyplarda watançylyk, türkmen halkynyň taryhy, medeni we ruhy gymmatlyklaryna hormat goýmak duýgusyny ösdürmek;
- Türkmenistanyň taryhy ösüşiniň esas goýujy taglymatlaryna, durmuş-ykdysady ösüş babatda döwlet syýasatynyň häzirki zaman ugurlaryna talyplaryň aňly-düşünjeli garaýyşlaryny kemala getirmek;
- talyp oglanlary Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň hatarynda harby gulluga taýýarlamak, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerine buýsanjy, Watanymyzyň taryhyna, harby gulluga we harby lybasa hormat goýmagy terbiýelemek;
- talyplarda halkymyzyň jebisligini pugtalandyrmak jogapkärçiligini ýokarlandyrmak;
- talyplarda maşgala, çagalar, ýaşuly adamlar, aýratyn aladany we ünsi talap edýän raýatlaryň beýleki toparlary barada alada etmek islegini ösdürmek;
- talyplarda meýletinçilik we haýyr-sahawat duýgusyny ösdürmek;
- döwrebap hünärmenleri kemala getirmekde milli terbiýeçilik ýörelgelerini we çärelerini ileri tutmak;
- talyplaryň şahsyýet hökmünde durmuş ösüşini pedagogik we psihologik taýdan goldamak;
- talyplarda jemgyýete dahyllylyk duýgusyny we şahsyýetara gatnaşyklaryň endiklerini ösdürmek;
- talyplarda özüňi medeniýetli alyp barmagyň, sagdyn durmuş ýörelgesiniň endiklerini ele almagyny üpjün etmek;
- talyplarda ýokary jemgyýetçilik işjeňligini, raýat jogapkärçiligini, Watana gulluk etmäge taýýarlyk we ukyplylyk we döwleti pugtalandyrmak, onuň möhüm bähbitlerini we durnukly ösüşini üpjün etmek esasynda jemgyýete we döwlete watançylyk gatnaşygyny döretmek;

- talyplarda sanly tehnologiýa ulgamyndan we innowasion serişdelerden peýdalanmagyň ýokary medeniýetini terbiýelemek.

**Wezipeler:**

- talyplary ýaşlar barada döwlet syýasatynyň maksatlaryna laýyklykda terbiýelemek;
- talyplary şahsyýet hökmünde hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin şertleri döretmek;
- talyplaryň ýaşlaryň sportuny we bedenterbiýesini goldamak;
- kyn durmuş ýagdaýyna düşen talyp ýaşlary ugrukdyrmak, durmuş kömegini bermek;
- talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik işjeňligini höweslendirmek;
- talyp ýaşlaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň işini utgaşdyrmak we goldamak;
- talyplarda sanly, elektron tehniki serişdeleri we telekommunikasiýa aragatnaşyk serişdelerini peýdaly, ýerlikli ulanmagyň ýokary medeniýetini kemala getirmek;
- talyplarda sagdyn we mynasyp durmuşda ýaşamaga, esaslandyrylan çözgütleri kabul etmäge hem-de milli we ählumumy meseleleri çözmäge mümkinçilik berýän endikleri, ruhy gymmatlyklary, garaýyşlary we bilimleri ösdürmek;
- talyplarda ýurdumyzyň häzirki we geljekki ösüşleri üçin jogapkärçiligi ösdürmek;
- talyp ýaşlary häzirkizaman jemgyýetde ýaşamaga, durmuşda öz orunlaryny erkin saýlap almaga we zähmet işine başlamaga taýýarlamak;
- talyp ýaşlaryň döredijilik ukyplaryny kemala getirmek we ösdürmek;
- talyp ýaşlarda raýatlyk we watansöýüjilik häsiýetlerini ýüze çykarmak, kemala getirmek we ösdürmek;
- talyp ýaşlarda özüňe we beýleki adamlara, maşgala, türkmen halkynyň milli däp-dessurlaryna, beýleki halklaryň medeniýetine hormat goýmak ýörelgelerinde terbiýelemek;
- talyp ýaşlarda türkmen halkynyň milli däp-dessurlaryna, milliligine laýyk gelýän daşky gözellik (estetik) keşbini kemala getirmek;
- özbaşdak durmuşa taýýarlyk görmek, talyplarda zähmete durmuşyň möhüm gymmatlygy hökmünde oňaýly garaýşy we jemgyýetiň, döwletiň bähbitlerine zähmet çekmek islegini ösdürmek;
- talyplarda öz ýurdunyň aladasyny etmekde, ony pugtalandyrmakda we goramakda ýüze çykýan iň möhüm häsiýetleri hökmünde kanuna, jemgyýetçilik durmuşynyň kadalaryna, jemgyýetçilik jogapkärçiligine hormat goýmagy terbiýelemek;
- talyp ýaşlaryň ukyplaryny we başarnyklaryny nazarda tutup, geljekki durmuşlaryny meýilleşdirmeklerine ýardam etmek.

**Terbiýeçilik işlerini amal etmegiň şertleri:**

- talybyň şahsyýet hökmünde ösmegi üçin amatly gurşawyň döredilmegi;
- mekdebiň, şäheriň, welaýatyň jemgyýetçilik işlerine mugallymlaryň işjeň gatnaşmagy;

- mekdepde we umumy ýaşaýyş jaýynda talyplaryň öz-özüni dolandyrmagynyň bar bolan görnüşlerini kämilleşdirmek.

**Ýörelgeler:**

- talyplaryň ähli taraplaýyn şahsyýet hökmünde kemala gelmegi üçin olaryň her biri bilen ýekeleýin (indiwidual) çemeleşmek ýörelgesi;
- her bir adamyň saýlaw azatlygyna bolan hukugynyň ykrar edilmegi hökmünde adamkärçilik ýörelgesi.
- öz-özüňi dolandyrmagyň görnüşlerini kämilleşdirmegi göz öňünde tutýan demokratiklik ýörelgesi.

***Terbiýeçilik işlerini dolandyrmagyň gurluşy***




## 3. Hünär biliminiň mazmuny we okuw işiniň guramak

**Okuw işiniň maksady:**

- Döwlet bilim standartynyň talaplaryna laýyklykda okuw işlerini meýilleşdirmek we guramak;
- häzirki zaman okuw işiniň talaplaryna laýyklykda bilim işine usulyýet ýardamyny bermek;
- okuw işinde maddy we tehniki binýadyny, şeýle hem howpsuz iş gurşawyny döretmek;
- önümçiligi guramagyň çäginde uçurymlara işe ýerleşmäge ýardam bermek;
- talyplaryň okuw endiklerini we agzybirligini saklamak;
- okuw ýylynyň dowamynda okuw işlerine yzygiderli gözegçilik etmek.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| | **Okuw meýilnamalar we okuw işleriniň çyzgydy boýunça** | | |
| 1. | Oba hojalyk pudagy üçin zerur bolan hünärmenleriň hünär taýýarlygyny üpjün etmek maksady bilen täze hünärleri açmak boýunça teklipleri we zerur resminamalary taýýarlamak | ýylyň dowamynda | Mekdebiň direktory, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2. | Orta hünär okuw mekdebinde hereket edýän hünärmenleri taýýarlamagyň okuw meýilnamalaryny kämilleşdirmek boýunça işleri geçirmek | ýylyň dowamynda | Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |
| 3. | Mugallymlaryň talyplara bilim beriş derejesini gözegçilikde saklamak, yzygiderli barlaglary geçirmek we degişli netijeleri çykarmak | ýylyň dowamynda | Okuw bölüminiň müdiri, usulyýet geňeşiniň agzalary |
| 4. | Ösen ýurtlaryň bilim ulgamyny öwrenmek | 2025ý. | Direktoryň orunbasary, mugallymlar |
| 5. | Okuw işleriniň ýerine ýetirilişini, aralyk jemlemeleriň we hasap-synag möwsüminiň netijelerini seljermek | 2025-2030ý. | Okuw bölüminiň müdiri, okuw bölüminiň hünärmeni |
| 6. | Hünärmenleri taýýarlamagyň hiline baha bermek üçin toplumlaýyn ulgam döretmek | 2025-2027 ý. | Direktoryň orunbasary |
| 7. | Talyplar üçin okuwdan daşary çäreleriň görnüşlerini teklip etmek (bäsleşikler, konferensiýalar we ş.m.) | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary, mugallymlar |
| 8. | Täze usullar we tehnologiýalar (uzak aralykdan okuw, maglumat portaly) arkaly mugallymlaryň hünär derejesini ýokarlandyrmagyň ulgamyny döwrebap-laşdyrmak | 2025-2028 ý. | Direktoryň orunbasary, okuw bölüminiň müdiri |
| 9. | Hünär derslerini öwrenmek üçin kompýuter programmalaryny ornaşdyrmak | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary, mugallymlar |
| 10. | Halkara we döwlet derejesinde geçirilýän ders bäsleşigine talyplary taýýarlamak | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary, mugallymlar |
| 11. | Hasap-synag möwsümlerinde garaşsyz audit toparynyň ýerine ýetiren işleriniň hasabatlaryny seljermek | 2025-2030ý. | Okuw bölüminiň müdiri |
| 12. | Sanly bilim Konsepsiýasyny durmuşa geçirmegiň çäginde okuw işlerinde dersler boýunça döwrebap elektron okuw-usuly toplumlary taýýarlamak, elektron resminamalaryň dolanyşygyny has-da kämilleşdirmek | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, okuw bölüminiň müdiri |
| 13. | Aralyk jemlemeleriniň hasabatlaryny düzmek:<br>- toparlaryň ýetişigi boýunça;<br>- tertip-düzgün boýunça. | 2025-2030ý. | Okuw bölüminiň müdiri, okuw bölüminiň hünärmeni |
| 14. | Bilimiň hiliniň ýagdaýy baradaky maglumatlary seljermek | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, okuw bölüminiň müdiri |

## 4. Okuw işiniň ylmy-usulyýet üpjünçiligini kämilleşdirmek

**Ylmy-usulyýet üpjünçiliginiň maksady:**

- bilim prosesine maglumat tehnologiýalaryny işjeň ornaşdyrmak;

- bilimiň hilini ýokarlandyrmak;
- mugallymlary innowasion, usulyýet we ylmy-gözleg işlerinde ugrukdyrmak;
- kadalaşdyryjy, okuw we usulyýet materiallara baha bermek;
- mekdebiň ösüşiniň esasy ugurlaryny utgaşdyrmak.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Mekdebiň mugallymlarynyň we talyplarynyň ylmy jemgyýetçilik işlerini ýola goýmak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, ylmy işler boýunça jogapkär işgär |
| 2. | Mugallymlary we talyplary halkara, döwlet we welaýat derejesinde geçirilýän bäsleşiklere, taslamalara we ylmy-amaly maslahatlara gatnaşdyrmak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, ylmy işler boýunça jogapkär işgär, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary, mugallymlar |
| 3. | Mugallymlaryň žurnallarda, ýygyndylarda we gazetlerde ylmy makalalaryny çap etdirmek | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, ylmy işler boýunça jogapkär işgär, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary, mugallymlar |
| 4. | Hünär synagyndan geçmeli mugallymlaryň resminamalaryny ara alyp maslahatlaşmak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |
| 5. | Dersler boýunça bahalandyryş serişdelerini kämilleşdirmek | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |
| 6. | Internet torunda howpsuz işlemegiň amalyýet esaslary boýunça pedagogiki maslahaty meýilleşdirmek | 2025-2026ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |
| 7. | Mekdebiň wideo ýazgylar goryny kämilleşdirmek | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |
| 8. | Mekdebiň elektron kitaphana goryny kämilleşdirmek | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 9. | Mekdepde mugallymlaryň we talyplaryň ylmy-barlag işlerini ösdürmek | 2025-2027ý. | Direktoryň orunbasary, ylmy işler boýunça jogapkär işgär |
| 10. | Bilim prosesiniň guramaçylyk-hukuk üpjünçilik derejesini kämilleşdirmek | 2025-2027 ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |
| 11. | Hünärleriň we taýýarlyk ugurlarynyň okuw meýilnamalaryna laýyklykda okadyljak dersleriň ýyllyk işlerini kämilleşdirmek | 2025-2027ý. | Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary, mugallymlar |
| 12. | Hünärleriň we taýýarlyk ugurlarynyň okuw meýilnamalaryna laýyklykda okadyljak dersleriň okuw we iş maksatnamalarynyň kämilleşdirmek | 2025-2028ý. | Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary, mugallymlar |
| 13. | Daşary ýurt bilim edaralary bilen hyzmatdaşlygy guramak | 2026-2027ý. | Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary, mugallymlar |
| 14. | Mekdepde mugallymlaryň geçiren açyk sapaklarynyň netijeleri esasynda okuwyň hilini ýokarlandyrmak boýunça degişli çäreleri geçirmek | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary, mugallymlar |
| 15. | Pedagogiki işiniň hiline gözegçilik etmek | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary |

## 5. Işgär üpjünçiligi. Pedagogiki işgärleri hünär taýdan kämilleşdirmek. Pedagogiki işgärleriň hünär synagy.

**Pedagogiki işgärleri hünär taýdan kämilleşdirmegiň maksady:**

- okatmagyň iň ýokary ussatlyk derejesini üpjün etmek;
- mugallymyň pedagogik işiniň aýry-aýry taraplaryny kämilleşdirmek üçin, amala aşyrýan işiniň netijesi bilen habarly etmek;
- hünär bilimi edarasynyň işini kämilleşdirmeklige, pedagogik işgärleriň zähmetiniň netijeliligini ýokarlandyrmaklyga, mugallymlar düzüminiň alyp barýan okuw işine itergi bermegi kemala getirmeklige gönükdirilen çäreler toplumyny işlemek;
- pedagogik işgäriň hünär bilimini we pedagogik ussatlyklaryny yzygiderli kämilleşdirmäge höwes döretmek;
- mugallymlaryň hünär derejesini kämilleşdirmek.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Mugallymyň zerurlygyny çaklamak we meýilleşdirmek | ýylyň dowamynda | Direktor, Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2. | Hünär synagyň netijeleri esasynda öňdebaryjy pedagogiki tejribäni kesgitlemek, öwrenmek, umumylaşdyrmak we pedagogiki döredijiligi ösdürmek. | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri |
| 3. | Pedagogiki işgärleriň hünär synagyny guramak boýunça kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny häzirki zaman usullaryny seljermek. | 2025-2026ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |
| 4. | Mugallymlaryň hünär derejesini ösdürmek | 2025-2027ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |
| 5. | Häzirki zaman okatmagyň usullary, sanly tehnologiýalar we okuwyň psihologiki talaplary boýunça dowamly gysga möhletli okuwlary guramak | 2026-2028ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |
| 6. | Tejribeli mugallymlar ýaş hünärmenleri goldamak maksady bilen okuw jaýynda terbiýeçilik maksatnamalaryny guramak | 2027-2028ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri, usuly birleşmäniň ýolbaşçylary |
| 7. | Pedagogiki işgärleriň eýeleýän wezipesine laýyklykda hünär synagyny guramak | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri |
| 8. | Hünär synagyny alýan toparyň döwrebap seljerme usullaryny ornaşdyrmak | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri |

## 6. Mekdebiň okuw işine maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ornaşdyrmak

**Mekdebiň okuw işine maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ornaşdyrmagyň maksady:**

- ýokary hilli bilim gorlarynyň we hyzmatlarynyň elýeterliligini üpjün etmek hem-de bilim bermegiň dowamynda sanly bilim serişdelerini, şol sanda elektron okuw kitaplaryny we gollanmalary ulanmak;
- uzak aralykdan bilim tehnologiýalaryny ulanmak;
- maglumat we telekommunikasiýa tehnologiýalary ösdürmegiň esasynda bilimiň hilini ýokarlandyrmak.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Pedagogiki işgärleri bilen ussatlyk sapaklaryny gurnamak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, Okuw bölüminiň müdiri |
| 2. | Işgärleriň sanly başarnyklaryny kämilleşdirmek. | 2025ý. | Direktoryň orunbasary, Sanly ulgama boýunça jogapkär işgär |
| 3. | Mugallymlaryň elektron bukjalaryny (portfolio) döretmek | 2025ý. | Direktoryň orunbasary, Sanly ulgama boýunça jogapkär işgär |
| 4. | Mekdebiň resmi web saýtyny kämilleşdirmek | 2025ý. | Direktoryň orunbasary, Sanly ulgama boýunça jogapkär işgär |
| 5. | Maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ulgamynda ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň öňdebaryjy daşary ýurt tejribesini öwrenmek | 2025-2026ý. | Direktoryň orunbasary, Sanly ulgama boýunça jogapkär işgär |
| 6. | Elektron kitaphanasyny kämilleşdrimek | 2025-2026ý. | Direktoryň orunbasary, Sanly ulgama boýunça jogapkär işgär |
| 7. | Ugurlar boýunça maglumat bazalary döretmek | 2025-2028ý. | Direktoryň orunbasary, Sanly ulgama boýunça jogapkär işgär |
| 8. | Okuwdan daşary robototehnika we programmirleme boýunça gurnaklary açmak | 2026-2028ý. | Direktoryň orunbasary, Sanly ulgama boýunça jogapkär işgär |
| 9. | Häzirki zaman okuw kitaplary we okuw-usulyýet gollanmalary üçin maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny girizmek bilen multimedia goşundylaryny döretmek | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, Sanly ulgama boýunça jogapkär işgär |

## 7. Talyplaryň döredijilik işini kämilleşdirmek

**Talyplaryň döredijilik işini kämilleşdirmegiň maksady:**

- talyplarda döredijilik endiklerini kemala getirmek;
- talyp ýaşlary alan hünär bilimlerini önümçilikde, döwlet gullugynda, ylmy we döredijilik çygrynda ulanmak üçin has amatly şertleri döretmek;
- milli we umumadamzat gymmatlyklary esasynda ruhy we ahlak taýdan döredijilikli kämil şahsyýeti kemala getirmek.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Mekdepde sportuň dürli görnüşleri boýunça gurnaklaryny gurnamak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, sport mugallymy |
| 2. | Talyp ýaşlaryň arasynda döredijilige bolan höwesini artdyrmak maksady bilen, talyp ýaşlaryň arasynda dürli döredijilik bäsleşikleri guramak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary |
| 3. | Mekdepde hereket edýän talyplar geňeşiniň agzalaryny saýlamak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, mugallymlar |
| 4. | Umumy ýaşaýyş jaýynyň talyplar geňeşiniň agzalaryny saýlamak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, mugallymlar |
| 5. | Terbiýelemegiň döwrebap usullaryny seljermek | 2026ý. | Direktoryň orunbasary |
| 6. | Häzirki zaman okuw kitaplary we okuw-usulyýet gollanmalary üçin maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny girizmek bilen multimedia goşundylaryny döretmek | 2025-2030ý. | Direktoryň orunbasary, Sanly ulgama boýunça jogapkär işgär |

## 8. Terbiýeçilik işine gatnaşyjylaryň düşündiriş-öňüni alyş çäreleri

### Terbiýeçilik işine gatnaşyjylaryň düşündiriş-öňüni alyş çäreleriniň wezipeleri:

- talyplaryň hukuk medeniýetiniň derejesini ýokarlandyrmak, düzgün bozmalaryň derejesini peseltmek;
- talyplaryň kanun we düzgün bozmalarynyň öňüni almakda ýardam berýän gulluklar we bölümler bilen özara hyzmatdaşlygy saklamak;
- mekdebiň meýletin ýardamçylar toparyny psihoaktiw maddalaryň, neşekeşligiň, arakhorlugyň we çilimkeşligiň öňüni almak boýunça guramaçylyk işlerine çekmek;
- talyplaryň arasynda ters gelýän syýasy we dini akymlaryň öňüni almak boýunça düşündiriş öňüni alyş çärelerini geçirmek, sabyrlylygy terbiýelemek.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Mekdepde düzgün bozmalaryň öňüni alýan düşündiriş-öňüni alyş toparynyň işini guramak | ýylyň dowamynda | Degişli toparyň agzalary |
| 2. | Ene-atalar geňeşiniň işini guramak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, topar ýolbaşçylar |
| 3. | Talyplaryň “Howply topar” düzümini kesgitlemek we olar bilen ýekebara tertipde işlemek | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, topar ýolbaşçylar |
| 4. | “Ýaramaz endikler bilen meşgullanýan ýaşlary ýüze çykarmagyň usullary”, “Jedelli pursatlardan baş alyp çykmagyň ýollary” atly ene-atalar üçin gözükdiriji materiallary taýýarlamak we paýlamak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, Jemgyýetçilik guramalar, topar ýolbaşçylary |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 5. | Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň wekilleriniň gatnaşmagynda “Ýol hereketiniň howpsuzlygy - ömrümiziň rahatlygy” atly bir aýlyk mynasybetli wagyz-nesihat çärelerini geçirmek | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, Jemgyýetçilik guramalar |
| 6. | Ene-atalar ýygnagynda talyplaryň ters gelýän syýasy we dini akymlaryň gatyşmazlyklary hakynda meselä seretmek “Internet we howpsuzlyk” | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, topar ýolbaşçylar |
| 7. | Talyplara hukuk meselesi boýunça ýardam bermek işini guramak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary |
| 8. | Hukuk goraýjy edaralaryň we jemgyýetçilik guramalaryň agzalarynyň gatnaşmagynda ene-atalar bilen ýygnak geçirmek | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, topar ýolbaşçylar |
| 9. | Ene-atalar bilen aragatnaşygy ýola goýmak: maşgalany, hossarlarynyň we çagalaryň şahsy aýratynlyklaryny öwrenmek. Talyplaryň ahlak sypatlaryny öwrenmek we olar barada maglumatlary jemlemek | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, topar ýolbaşçylar |
| 10. | “Eger-de isleýän bolsaň – sagdyn bol!” atly sagdyn durmuş ýörelgeleri hakynda wagyz-nesihat çäresini guramak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, topar ýolbaşçylar |

## 9. Mekdepde okaýanlaryň we işleýänleriň sosial-ykdysady goldawy

**Mekdepde okaýanlaryň we işleýänleriň sosial-ykdysady goldawynyň maksady:**

- mekdebiň işgärleri üçin sosial-ykdysady goldaw ulgamyny döretmek;
- mekdebiň işgärleri üçin hak tölemek ulgamyny kämilleşdirmek;
- mekdebiň işgärleriniň hünär endikleriniň derejesini ýokarlandyrmagy üpjün etmek.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Uçurumlaryň ýerli zähmet biržalarynda işe ornaşmaklarynda ýardam bermek | 2026-2027ý. | Direktor, Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylar |
| 2. | Döwlet tarapyndan maliýeleşdirmegi, grantlary we hususy maýa goýumy çekmek. Döwlet-hususy hyzmatdaşlyk maksatnamalaryny düzmek | 2026-2029ý. | Direktoryň orunbasary, orta hünär okuw mekdebiniň baş buhgalteri, mugallymlar |
| 3. | Telekeçileriň ýaş hünärmenlere bildirýän talaplaryny öwrenmek we döwrebap hünärmenleri taýýarlamak | 2026-2029ý. | Direktoryň orunbasary, orta hünär okuw mekdebiniň mugallymlar |
| 4. | Mekdebiň işgärleri üçin maddy höweslendirmelerini gowulandyrmak üçin ulgamyny ösdürmek. | 2027-2029ý. | Direktor, Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylar |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 5. | Zähmet şertlerini kämilleşdirilmek | 2027-2029ý. | Direktor |

## 10. Mekdebiň dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek

**Mekdebiň dolandyryş ulgamynyň kämilleşdirmeginiň maksady:**

- Bilim ulgamynda dolandyryşyň kämil ulgamynyň döretmek;
- mekdepde talyp geňeşleriniň kämilleşdirmek.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Mekdebi maksatnamalaýyn esasynda dolandyrmak | 2025-2030ý. | Direktor, direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylar |
| 2. | Mekdebi ösdürmek boýunça Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek | 2026-2029ý. | Direktor, direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylar |
| 3. | Berilýän bilimiň netijelerini çaklamak | 2025-2030ý. | Direktor, direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylar |
| 4. | Zähmet bazaryndaky gözlegleriň netijeleriniň esaslarynda ösüş meýilnamalaşdyryş we dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek | 2025-2030ý. | Direktor, direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylar |
| 5. | Täze dolandyryş tehnologiýalaryny durmuşa geçirmek | 2026-2029ý. | Direktor, direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylar |
| 6. | Dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek üçin beýleki bilim edaralarynyň tejribesini öwrenmek | 2026-2029ý. | Direktor, direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylar |
| 7. | Mekdebi köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde alyp barýan işlerini yzygiderli beýan etmek | 2025-2029ý. | Direktor, direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylar |

## 11. Sosial hyzmatdaşlyk

**Sosial hyzmatdaşlygyň maksady:**

- Jemgyýetçilik hyzmatdaşlygyny giňeltmek, subýektleriniň arasynda dürli görnüşli özara gatnaşyklary ösdürmek;
- zähmet bazarynda isleg bildirilýän hünärleriň sanawyny kesgitlemek;
- uçurymlaryň döwlet synaglaryna oba hojalyk kärhanalarynyň wekilleriniň gatnaşmagyny üpjün etmek;
- okuw prosesini guramagy kämilleşdirmek.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Önümçilik tejribeligini guramak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, önümçilik tejribeligiň ýolbaşçysy |
| 2. | Edara kärhanalarda göçme okuw sapaklaryny gurnamak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, önümçilik tejribeligiň ýolbaşçysy |
| 3. | Hünär ugrukdyryş işlerini guramak | ýylyň dowamynda | Direktor, Direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylar |
| 4. | Bilim prosesine dual okuwlaryny ornaşdyrmak | 2025-2026ý. | Direktor, Direktoryň orunbasary, önümçilik tejribeligiň ýolbaşçysy |
| 5. | Jemgyýetçilik hyzmatdaşlygyň ösüş maksatnamasyny düzmek. | 2025-2026ý. | Direktor, Direktoryň orunbasary |
| 6. | Hyzmatdaşlyk şertnamalarynyň baglaşylmagy | 2026-2028ý. | Direktor, Direktoryň orunbasary |

## 12. Mekdebiň guramaçylyk-hukuk üpjünçiligi

**Mekdebiň guramaçylyk-hukuk üpjünçiliginiň maksady:**

- täze sosial-ykdysady şertlerde başlangyç we orta hünär bilim ulgamyny ösdürmek üçin kanunçylyk we kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny döretmek;
- hünär bilimiň kanunçylyk binýadyny ösdürmek;
- hünär bilim ulgamynda bitewi hukuk binýadyny üpjün etmek.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Hereket edýän düzgünnamalary kämilleşdirmek | ýylyň dowamynda | Direktor, Direktoryň orunbasary |
| 2. | Okuw prosesini guramak | ýylyň dowamynda | Direktor, Direktoryň orunbasary |
| 3. | Sebitleýin derejede mekdebiň durmuşyna kadalaşdyryjy we hukuk goldawyny döretmek. | ýylyň dowamynda | Direktor, Direktoryň orunbasary |

## 13. Okuw-önümçilik ulgamyny kämilleşdirmek

**Okuw-önümçilik ulgamyny kämilleşdirmegiň maksady:**

- zähmet bazarynyň talaplaryna laýyk gelýän ökde hünärmenleriň ýokary hilli taýýarlygyny üpjün edýän şertleri we usullary döretmek;
- önümçilik okuwyň hilini ýokarlandyrmak.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Okuw we önümçilik tejribelikleriniň, senenama we tematiki meýilnamalar, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we netijeleri jemlemek | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, önümçilik tejribeligiň ýolbaşçysy |
| 2. | Talyplaryň tejribeligi geçmek üçin kärhanalar bilen şertnamalary baglaşmak | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, önümçilik tejribeligiň ýolbaşçysy |
| 3. | Okuw we önümçilik tejribelikleriniň maddy binýadyny ösdürmek. | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, önümçilik tejribeligiň ýolbaşçysy |
| 4. | Mugallymlaryň we talyplaryň tehniki döredijiligini ösdürmegini kämilleşdirmek | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, önümçilik tejribeligiň ýolbaşçysy |
| 5. | Mekdepde okuw we önümçilik tejribeliklerini guramak hem-de kämilleşdirmek boýunça guramaçylyk işlerini geçirmek | ýylyň dowamynda | Direktoryň orunbasary, önümçilik tejribeligiň ýolbaşçysy |

## 14. Maddy-tehniki gory kämilleşdirmek

**Maddy-tehniki goryny kämilleşdirmegiň maksady:**

- mekdebiň bilim prosesini ösen tehnologiýalar we häzirki zaman material we tehniki esaslar bilen üpjün etmek;
- täze innowasion tehniki okuw esbaplaryny satyn almak;
- bilim tejribesi maksatly barlaghanalaryň enjamlaryny we gurallaryny täzelemek.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Mekdepde düýpli we ýeňil abatlaýyş işlerini geçirmek | ýylyň dowamynda | Direktor, Direktoryň orunbasary, hojalyk bölüminiň başlygy |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2. | Mekdebiň ýanaşyk çäklerinde abatlaýyş işlerini gurnamak | ýylyň dowamynda | Direktor, Direktoryň orunbasary, hojalyk bölüminiň başlygy |
| 3. | Bilim we dolandyryş işiniň maddy-tehniki binýadynyň üýtgeýiş dinamikasyna gözegçilik etmek | ýylyň dowamynda | Direktor, Direktoryň orunbasary, hojalyk bölüminiň başlygy |
| 4. | Bilim ulgamyny dolandyrmakda maglumaty awtomatlaşdyrylan ulgamyny ornaşdyrmak | 2025-2027ý. | Direktor, Direktoryň orunbasary |
| 5. | Mekdebiň maddy-tehniki binýadyny täzelemek | 2029-2030ý. | Direktor, Direktoryň orunbasary, hojalyk bölüminiň başlygy |
| 6. | Energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary ulanmak üçin enjamlar we tehniki serişdeleri satyn almak | 2027-2029ý. | Direktor, Direktoryň orunbasary, hojalyk bölüminiň başlygy |

## 15. Guramaçylyk-ykdysady gatnaşyklar

**Guramaçylyk-ykdysady gatnaşyklaryň maksady:**

- mekdebiň guramaçylyk we ykdysady işiniň usullaryny kämilleşdirmek;
- häzirki zaman durmuş-ykdysady şertlerde mekdebiň ösmegi üçin ykdysady esas döretmek;
- goşmaça serişdeleri çekmek;
- mekdebiň guramaçylyk we ykdysady gatnaşyklar pudagynda innowasiýa işlerini ösdürmek.

| T/b | Ýerine ýetirilmeli işler | Möhleti | Jogapkär |
|---|---|---|---|
| 1. | Girdejileriň wagtynda gelip gowuşmagyna we fondlara paýlanylan çykdajylaryň artykmaç sarp edilmezligine gözegçilik etmek | ýylyň dowamynda | Direktor, baş buhgalter |
| 2. | Harytlary, işleri, hyzmatlary satyn almak boýunça meýilnama düzmek. | ýylyň dowamynda | Buhgalter |
| 3. | Orta hünär okuw mekdebi boýunça maliýe-hojalyk işleriniň meýilnamasyny işläp düzmek | ýylyň dowamynda | Baş buhgalter |
| 4. | Edara-kärhanalar bilen özara hasaplaşyklaryň deňeşdirmesini geçirmek | ýylyň dowamynda | Buhgalter |
| 5. | Maliýe-hojalyk işleriniň seljermesini geçirmek | ýylyň dowamynda | Baş buhgalter |

## 16. Garaşylýan netijeler

Bu ösüş maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär mekdebinde aşakdakylary üpjün etmäge ýardam eder:

- bilimiň hilini ýokarlandyrmaga;
- uçurymlaryň zähmet bazaryndaky bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga;
- mekdebiň iş berijiler bilen aragatnaşygyny ýola goýmagy, sosial hyzmatdaşlygyň netijeliligini ýokarlandyrmaga;
- mekdebiň tehniki binýadyny täzelemäge;
- edara-kärhanalaryň, guramalaryň hünärmenlere bolan isleglerini kanagatlandyrmaga;
- orta hünär okuw mekdebiniň halkara derejesinde basdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we okuw maksatnamalarynyň halkara derejesine laýyk gelmegine;
- üznüksiz bilim ulgamynda köpbasgançakly hünär bilimini kemala getirmäge;
- dolandyryşy demokratiýalaşdyrmaga;
- mekdebiň iş berijiler bilen aragatnaşygyny berkitmäge, sosial hyzmatdaşlar bilen hyzmatdaşlygyň netijeliligini ýokarlandyrmaga;
- mekdebiň işgärler düzüminiň hünär taýýarlyk ulgamyny kemala getirmäge, mugallymlaryň bilim derejesini ýokarlandyrmaga;
- ähli hünärler boýunça bäsleşige ukyply hünärmenleri taýýarlamak üçin maddy-tehniki binýady täzelemäge;
- goşmaça hünär biliminiň ulgamyny kämilleşdirmäge;
- talyplaryň öz-özüňi dolandyryş organynyň doly derejede işlemegini gazanmaga;
- düzgün bozulmalaryň sanyny azaltmaga.

Bu ösüş maksatnamada göz öňünde tutulan işleriň durmuşa geçirilişine gözegçiligi mekdebiň direktory we Mugallymlar geňeşi amala aşyrýar.